# Aýyrma

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Aýyrma AÝYRMA




Eý Rebbim, Perwerdigär,
Eý Allam, Ýa Biribar
Ýüzlensem umydygär,

Nazaryňdan aýyrma.
Aýyrma il-günümden.
Dogsun aýym-günüm hem.
Berip bagyr awudan
Jigerbentden aýyrma.

Akyl-huşdan aýyrma.
Görer gözden aýyrma.
Ar-namysdan, abraýdan,
Öz söýgüňden aýyrma.

Edenňe şükür Alla,
Başym özüň penala,
Dileglem ile-güne,
Imanymdan aýyrma.

Sen menlik bolsaň eger,
Garşydaş bolmaz meger,
Bolar kabul dilegler,
Meni Senden aýyrma. Goşgular